# Ýaşlardan tama uly

Category: Edebi tankyt,Goşgular,Kitapcy,Nukdaýnazar,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýaşlardan tama uly

ÝAŞLARDAN TAMA HAS ULY

■ Geçmişiň sapagy

Ýaş şygryýet baradaky gürrüň aýratyn jogapkärli, bir tarapy töwekgellik bilen baglanyşykly iş. Bu işiň başyna barmaly bolanda, her gezek edebiýatymyzyň ýakyn geçmişine degişli bir edebi fakt ýadyma gelýär. Geçen asyryň 60-njy ýyllarynda görnükli edebiýatçymyz Saýlaw Myradow şol döwrüň ýaş şahyrlarynyň, olaryň içinde-de Gurbannazar Ezizowyň döredijiligi barada makala ýazypdyr. Häzir şol makalany okap, edebiýatçy hökmünde juda ýitiligine, duýgurlygyna we synçylygyna garamazdan, awtoryň şahyryň anyk şygyrlary baradaky pikirleriniň hem Wagtyň pikirine çapraz gelendigini, Gurbannazar Ezizowyň edebiýatymyzdaky orny we ähmiýeti meselesinde-de Wagta garanda bimamla bolup galandygyny görýäris. Bu mysal bize “Geçmişden sapak almaly” diýen pikiriň hakdygyny ýene bir gezek ýatladyp goýýar. “Kimiň özgäň ýalňyşyny gaýtalasy gelýär” diýen ikinji bir hakykatam ýaş şahyrlar babatda sende aýratyn eserdeňligi, ünslüligi hem-de seresaplylygy oýarýar. Çünki, göräý-mäge, tersine ýaly bolsa-da, aýdaly, islendik nusgawy şahyr bilen deňeşdireniňde, haýsydyr bir ýaş zehiniň şygyrlaryny derňemek has ýaýdandyryjydyr. Birinji ýagdaýda arkaňda – ha dag ýaly bolup Wagt dur, eliňde-de Wagt kazysynyň şeksiz hökümininiň güýjündäki taýynjak bahasy bar. Ikinji ýagdaýda bolsa sen öz bahaň bilen ikiçäk dursuň. Makullaýjydygyňy, ýaňsylaýjydygyňy bilmeseň, Wagtyňam haýsy tarapdan hoşallyk ýa närazylyk bile ýlgyryp bakýanyny-da bileňok.

■ Edebi münber

Durmuş, şol sanda edebi durmuşam akgyn derýa ýaly şaglap gidip otyr. Mundan elli ýyl, ýüz ýyl, bäş ýüz ýyl ozalkysy ýaly, ýaşlar irginsiz we umytly döredijilik gözleglerine meşgul. Ýaşlyk hem-ä geçmişiň belentliklerine gözigidijilik bilen bakýar, hem-de özüni ykrar etmegiň we ykrar etdirmegiň sagdyn hyýallary bilen gaýnap-joşýar. Onsoň ýaşlygyň esasy edebi münberi bolan "Nesil" gazetiniň şygryýet sahypalarynda ýaş şahyrlar bilen duşuşmak özüňi durmuşyň jümmüşinde duýmaga, ýiti syzgylary halaýan aklyňy kä aýlap girdaba taşlaýan, kä göterip, göge zyňýan tolkunlaryň arasynda ýüzmäge şert hem puryja döredýär. Ýaş şygryýetimiziň ýürek käniniň özboluşly çeper—şahyrana ýüze çykarylmasy bolan many-mazmun çuňlugy-da bar, dünýä we ynsan ýaşaýşynyň täze serhetleriniň açylmasy bolan özboluşly çeper aňlatmalary-da bar. Şindiki çuňluklary we giňişlikleri açýan, haýsydyr bir nukdaýnazardan, uly bolmadyk, emma jedelsiz özboluşly şahyrana tapyndylary "ine, ine" diýip, jikme-jik açyp görkezmek gerek. Munuň özi hem ýaşlaryň özüne we geljegine ynamyny berkider, hem-de edebi durmuşymyzyň janlylygyny, dolulygyny we baýdygyny üpjün eder.

■ Jemlemäniň gymmaty

Kä aýratynja element, käte öňli-soňly ep-eslije ulgam derejesindäki, kä aýry-aýry söz öwrümleridir metaforalar, käte-de özbaşdak hem bitin şahyrana kontekst-şygyr görnüşindäki delje tapyndylar başlangyç şahyrlarymyzyň aglabasynda duş gelýär. Şu aglabanyň içinde B.Çaryýewiň, A.Rozyýewanyň, L.Pürjäýewanyň, S.Otuzowyň, A.Ylýasowyň, G.Orazberdiýewiň, S.Geldiýewiň atlaryny tutasym gelýär.
Tebigy suratda özüni hem özlügini söze geçirmegiň ýoly hökmünde saýlap alan söýgi temasynda ýazýan Batyr Çaryýewde häzirlikçe "ýerasty", içki hadysa bolup galýan bir oňat meýil bar: Ol mazmuny aňlatmakda gysgalyga, gunt ýaly kesgitlilige we çürt-kesiklige, şeýle-de jaý wagtyndaky we ýerindäki tükellige ymtylýar. Şygyrlaryndaky pikirleriň aýyl-saýyllygy bile syklygam, düzülen sazyň kirişleri ýaly zarňyldap duran kapyýalaram, iň esasy-da, gütüledip goýulýan möhür ýaly,

ýapylan gapydan asylyp goýlan läheň gulp ýaly oňat jemlemelerem şondandyr.

Hoşlaşdyk biz, damagyma doldy seň
Ugradamda damman galan gözýaşyň.

Şeýdip, jogap ýazman gyz
Ýüregimi ezipdiň.
Şindi görüp otursam,
Takdyryma ýazypsyň.

Şeýle setirlerde taraşlanmaga mätäçlik manysyndaky haýsydyr bir zadyň ýetmezlik ýa artykmaçlyk edýändigini-de duýup bolar, belki, edebi “de-žawýu-da” göze kaklyşan ýaly bolar. Ýöne ýokarky artykmaçlyklaryň alnynda bular ikinji hataryň derwaýyslygydyr. Ýaş şahyr üçin jemlemäniň zerurlygy öwrenje sürüjä ulagy ýerinden gozgamakdan ony duruzmagy başarmagyň has gerekligi ýalydyr. Esasy zat zehiniň özboluşlylygyny hem öz güýçli taraplaryny wagtynda aňla-magydyr. Galan zatlaryň tejribe bilen özi-de geler. Batyryň şygyrlarynda “Gelmediň. Hemmesi boldy güýzden öň” ýaly täsirliliginiň sebäbi birbada düşnükli bolmadyk, ýöne şahyrana delligi bilen okyjy täsirini terlendiriji setirleriň-de bardygyny ýüzugra aýdyp geçen ýagşy.

■ Gyş duýgulary

Aknur Rozyýewa dünýäni görüş bitewiligini, anyk şahyrana nukdaýnazary edinmäge ýetip barýan şahyr. Ol ulgama gatnaşyjy bolman, öz-özi bilen çäklenip, birgiden söz boşluklarynyň arasynda ýekesiräp oturan hususylyklaryň, tükel bitewilige ýetmän galýan ýartygöwre detallaryň, on sany boş pikiriň arasyna süsdürilen bir dokmäde pikiriň derejesinden galyp, öz tematik örüsini edinmek ýoluna düşüpdir. “Gyş goşgulary” atlandyryp boljak toplum munuň aýan görkezi-jisidir. Belli bir zadyň başyny tutaga-da, anyk temanyň üstünde döwnemek, şahyrana änik-şäniklige ýetmek, täze we täze jikme-jiklikleri açyşdyrmak halypalarymyz tarapyndan arzylanylyp gelýän häsiýet

bitewiligine ýetirip biler. Şygryýetimizde munuň ajaýyp nusgasy bolan Seýit Nesiminiň “nefsi”, Magtymgulynyň “dünýäsi”, G.Ezizowyň “güýzi” bar. Kim bilýär, belki, özünde tükeniksiz kämilleşmek, ýokardan ýokary galmak potensiýalaryny açyp bilse, ýaş şahyram täze çeper ýaşaýyş giňişligi bolan “gyşlaryny” döredip biler. Ol durmuşy özboluşly suratda – “gyş” suratynda kabul etmegi özüni çeperçilik taýdan döretmegiň usuly hökmünde aňlatmaga çalyşýar. “Gyş” onda, bir tarapdan, aklyk hem arassalyk, tämizlik hem kimirsizlik, beýleki tarapdan bolsa, çolalyk hem çäklilik, ýalňyz alyslyk hem reňksizlik manysyna gelýär. Täze görüşleriň boljakdygyna umyt döredýän ikinji tarap çeperçilik ösüş üçin has ähmiýetlidir. Biz degişli toplumdaky aşakdaky anyklyklary umyt uçgunlaryna esas hökmünde görýäris.

Gözýetim ýatyr agaryp,
Aglap bilmez agylarym gowzatmak isleýän ýaly.

Juda aglasym gelenin
Duýan bolsaň, gel bu gyşda.

Gar ýagsa,
Pynhanym pyşyrdap aýtsam pelege.

Dide dikip ýollaryna melekleň,
Tisgindim ümsümlik çawuşlaryna.

Ýazaryň “düýşleşen ädimlerim”, “dymar ýatar dymma ýerler”, “aglabilmez agylarym” ýaly abstraksionizmleri gyş duýgylaryna oňyn howaýylyk häsiýetini berýär. Onuň nusgawy şahyranalygymyzdan alyp, özboluşly reňk berýän, has dogrusy, özboluşly suratda reňksizlendirýän “pany”, “älem”, “pelek”, şeýle-de “barlyk” ýaly birlikleri adaty manydaky surat däl-de, düşünjelerdir. Surat göreje, ten duýgusyna berilýär, düşünjeler howaýylaşdyrmaga dahylly zatlar. Olar arkaly ýaşaýyş ilki eräp, soňam bugaryp, “göwreden” mahrum bolan, gözden uçan gar ýaly, tensizlige, sulba öwrülýär. Eýsem-de bolsa, bu zatlaryň bary gowy welin, sagdyn şahyrana pikirlenme

elden giderilen halatynda, tebigaty häzirlikçe oňyn howaýylygyň lenji alasarmyklyga geçmek howpy bar. Üstesine-de, ýokarky pelsepe aňlatmalaryny netijeli işletmek üçin, aşa okumyşlyk hem-de degişli tebigy ýasaw gerek. Şeýle-de, şahyryň şygryň tehnikasyna, ylaýta-da, kapyýa gurluşyna bütinleý biperwaýdygyny bellemek gerek. Haýp, senetsiz sungat bolmaýar.

■ Bir parça gujur

Laçyn Pürjäýewanyň durmuşyny şahyrana söze geçirişiniň mantygy we tärleri A.Rozyýewanyňkynyň tep-tersine. Munuň täri howaýylaşdyrmak däl-de, zatlaşdyrmakdyr. Çeper suratlandyrmanyň mantygy-da howaýylykdan duýga, duýgudan zatlara gidýän şekilinde amal bolýar. Munuň özi sungatyň asyl tebigatyna-da, däpleşen şygryýetimiziň aýratynlyklaryna-da oňat laýyk gelýär. Laçyn islendik tema ýüzlenende, ýuwmarlaşdyrmagyň deregine ýitileşdirýär, göz ýummagyň deregine syry paş edýär. Şeýle ýörelgäniň netijesinde gözellik duýgusyna hoş ýakýan şekil bolan kinaýa, lenje öwrülen ýasama aýlawlylygyň bäsdeşligi bolan gönümellik öňe çykýar. Gönümellik iki taraply zat, hulk hadysasy hökmünde ýöntemlik bolsa-da, aýdaly, G.Ezizowyň “sadalygy” bilen deňdeşlik hökmünde çeperçilik faktory manysynda ol oňynlykdyr. Çünki onuň üsti bilen şygryýetiň ýasama aýlawlylykdan dymyljan howasyna serginlik aralaşýar. Onuň “Gül ykbaly”, “Ötünç”, “Tötänden sataşmadan soň” atly şygyrlaryny şu tarapdan aýratyn şowly hasaplaýarys.

Men – gül!
Ysgalasym gelýär…
Käte seni
Hah-hah-ha-a!
Owsarlasym gelýär, idesim gelýär.
Al reňkli solgun bu adaty gülüň,
Güýjüni saňa aňdyrasym gelýär.
Meni ýolup, özüň bilen alyp git!
Meni ýolup…
Meni indi alyp git!

Alyp git!
Git!
Git!
Git, ýigit!

Şahyryň iň oňat goşgularynyň özüçe ritmi bar, onuň şahyrana sözleýşiniň özboluşly intonasiýasy bar. Bu ýöne-möne zat däl, bu eýýäm çyn sungata dahyly bolup başlanandygynyň alamatydyr. Munuň özi, durmuşyň entek barylmadyk tarapyndan barlanda, mümkin bolýar. Şygyr– ruhy – duýgy gujuryň bir parçasydyr. Ol aňyrsyz-bärsiz durmuş barlygyndan ýolnup alnan bitewilik. Şygyr teşne kalba şypaly bir ýuwdum suwdur. Dürli himiki elementleriň bir owurt suwda "ýitişi" ýaly, sözler, jümleler, öwrümler şygryň içinde eräp gidýär. Suwda ýa-da howada himiki birleşmeleriň bildirmeýşi ýaly, kämil şygyrda elementler aýry-aýrylykda duýulmaýar, okyjy ony bitewi gujur hökmünde kabul edip alýar. Ýaş şahyr-larymyzyň şygyrlarynyň uly sungatyň hili barada gürrüň etmäge, öňkülerden başgaça ylmy-pelsepe umumylaşdyrmasyna esas berýändigi şygryýetimiziň şu gününiň we geljeginiň kepilidir.

Ejem, sesine çen garran ejem!
Hüwdüsi-de, gülküsi-de, ýylgyryşy-da garran ejem!
Ejem
Ak saçlaryň ýygşyrjagam bolmaýan mähri bar ejem!
Mähriban ejem!
Seni ak saçlaryň üçin gowy görýärin,
Seni dişsizligiň üçin söýýärin.

Durmuşyň öň duýulmadyk taraplarynyň täsiri bilen şahyryň kalbynda ruhy – duýgy gujurynyň göz açmagy esasy zatdyr. Şondan soň metafora-da, öwrümem, äheňem, mantygy geň-taňlygyňam özi gelip durýar. Sungatyň söýeni durmuşdyr, çyn söýgüdäki ýaly, sungat hem magşugynyň öňünde söýgi şertlerini goýmaýar. Ol durmuşy onuň öz bolşunda, onuň ähli "çepi-sagy" bilen söýýär. Ýaş şahyr üçin esasy unutmasyz hakykat her bir zadyň, şol sanda şygyrdaky duýgy bälçikliginiň hem diňe öz çäklerindekä oňatdygydyr. Duýgy bälçikliginiň çägi akyl

agraslygydyr. Şol çäk amala aşyrylanda, aşakdaky ýaly ýeňles däl, emma ýeňil, agyr däl, ýöne agras oňat şygyrlar döreýär.

Hiňlensin, goý, hiňlensin, güller-guşlar hiňlensin!
Hiňlensin, goý, hiňlensin, daglar-daşlar hiňlensin!
Goý, baky heýjana gelen älem-jahan hiňlensin!
Türkmen owazy bilen, heý,
Türkmen owazy bilen!

■ Uly sungatyň bosagasynda

Seýitmyrat Geldiýewiň şygyrlaryny ýokary derejedäki çeper pikirlenme diýip kesgitlärdim. Ol durmuşy söz suratyna geçirmäge ökdeläpdir. Surat şireleriniň pelsepe löderesiniň bardygy onuň şygyrlaryny pelsepe görnüşe degişli edýär. Gurbannazar Ezizowdan gözbaş alyp gaýdýan bu ugruň ýaş şahyryň döretmeleri arkaly özboluşly taraplarynyň açylyberýändigini aýtmak gerek. Özboluşlylyklar aforizmlere meýl edýän pelsepe umumylaşdyrmalarynda we täze söz öwrümlerinde ýüze çykýar.

Bu durmuşdan oýananlar aşykdyr.

Mämmetweliň içmegi deý kysmatym,
Ýama-ýama bagt – belaga mahsusmy ?!

Sen söýüber, söýüp gazanan bagtyň,
Akylyň çäginden daşarda galar.

Pelsepe löderesi aşa güýçli we datly bolanda, jümleleriň hem-de pikirleriň ganatly söze öwrülip, şygryň daşynda ýaşamak mümkinçiligi peýda bolýar. Şonda janly durmuş geregim we hajatym diýip, şygryň içindäki aýry-aýry pursatlary özüne sorup alýar. Bular aýrylykdaky bitinliklerdir, dowamatdaky gutarnyk-lylyklardyr, parçadaky dolulyklardyr. Biziň uly şahyrlarymyzyň döredijiliginiň ýeten derejesiniň görkezilişi ýaly, bu eýýäm durmuşyň sungaty özi ýaly, özi bilen deň gymmatlyk hökmünde ykrar etmegidir. Şeýle şygryýet uniwersal ýaşaýyş diliniň başga, täze hususylygydyr. Dil munda elastyndaky serişde, agyz boşlugyndaky ýa-da kelle

boşlugyndaky gural däl-de, ýagny, obýekt däl-de, subýekt – ýaşaýyşyň özi, bir filosofyň kesgitlemesine laýyklykda, “ýaşaýşyň ýaşaýşy” bolup öňe çykýar. Seýitmyradyň ümzüginiň şu belentliklere tarapdygyny fakt hasaplaýarys.
Onuň belli-belli şygyrlarynda metaforalar gyryň daşy ýalydyr:

Ýaz ýagşy ýagardy ýedi ýyl öňem,
Ýedi ýyl owalky derdi dörjeläp.
Ýedi ýyl owaldan ýedi ýyl öňki,
Ýazyň ýagyşlary kakýar penjiräm.

Ýaz yşkyň baslygan arhiwin dörüp,
Söýgiň söneňkirlän peltesin ýaglar.
Ýere siňýän damjalara ses goşup,
Ýaryndan aýrylan her ýazda aglar.

Ýa-da armanyňa alnyň deginçä,
Başyboş umydym gezer gusully.

Täze metaforalar durmuşyň täzeçe suratydyr.

Boş günleri ownuk – irisi bilen,
Deňimden geçirýän, ötýän duşundan.
Ýöne aňymdaky wirusy bilen,
Durmuşyma çykman bir gyz huşumdan,
Şyňňyrdadyp gyzlygynyň şelpesin,
Syryny özüne aýan edinýär.

Şygryň belli bir kämillige ýetendiginiň alamatlarynyň biri döredijilikde hususy temalaryň peýda bolmagydyr. Tema diýilse, köplenç, ortalyk bir zada düşünilýär. Şeýle düşünje adalganyň durmuşy manysyna esaslanýar. Şygryýet, umuman, sungat ýaly ýokary derejeli giňişlikler bilen dahyllylykda, ol adalga anyk many edinýär. “Tema” maýyşgak närsedir. Ol döredijiligiň hususyýetine laýyklykda, mazmun – tema, söz – tema, surat – tema, jümle – tema ýaly hususy şekillere geçip biler. Seýitmyradyň “Garaýyş” şygrynda özara baglanyşykly azyndan iki tema – “kör düýe” temasy bilen “gapyrga” temasy bar. Onuň “Açyş” şygrynda şäher temasynyň açylyşyny synlap göreliň.

Şäheriň durmuşy, ritmi owadan,
Şähere ýeteňde agarýar agşam.
Sabyr-kanagatly trolleýbuslaň,
Gol uzadyp, tokdan asylyp barşam,
Dükanlaň ullakan penjiresinden
Adamlara garap duran eşikler,
Baglaň saýawan deý penjelerinde
Asmana ýyrtylan sansyz deşikden
Güýzüň dury ýagyşlary damanda,
Okuwyna haýdaşanda talyplar –
Pikir kömelek deý güberçekleýär.

Şäherli agaçlaň ýygyrt atan budy,
Meňzeş maňlaýyna garry kakamyň.

Juda sada zatlar abstrakt,
Seredip-seredip ýetenok aklyň.
Janyň syzanynda çyndyr hakykat,
Arassa abstrakt adamyň aslam.

Bu ýaş şahyr çalt ösmäge ukyply. Bu bolsa zehiniň baş alamatydyr. Gitdigiçe has kämilleşip, ol döredijilikde özüniňem, biziňem hatda garaşmaýan indiki belentliklerimize galar diýip umyt edýäris.

■ Galybyň hokgalary

Ýaşlaryň şygryýetinde oňynlyklar bilen bir hatarda çiglikler we bärden gaýtmalaryň-da bardygyny diňe taýagyň ikinji ujunam elden bermezlik üçin ýaňzydamyzok. Şygryýet sungatynyň janly ýaşaýşyny birmahal galypa giren şygyr ölçegi bilen indi aňladyljak bolunýan pikiriň arasyndaky darkaş kemala getirýär. Şahyr öz pikirini aňlatmak üçin, galybyň dikdüşdiligini, boýnuýogynlygyny ýeňip geçmeli bolýar. Şuny başaryp bilmedik ýazar ýeňlen nökerlerini taşlap, duşman tarapyna geçen namart ýaly, öz pikirine dönüklik edýär-de, galybyň emrine boýun bolýar. Netijede ýürek ýylysynyň hem-de gan joşgunynyň ornuny galyp – jansyz ölçeg, öli kapiýa eýeleýär. Galybyň emri bilen

şygryň dilinde iň bärkije näsazlyklar, tagaşyksyzlyklar, nädogrulyklar ýüze çykýar. Şygryň surrogaty, döredijiligiň salgymy şeýdip döreýär. Geň galmaly, ýöne ýaşlarymyzyň käbir şygyrlarynyň çeperçilik gowşaklygynyň gözbaşyny yzarlanyňda, sebäpler hökmany suratda ahyr soňunda kapiýanyň jansyz emrine barýar. Özünde şahyrana zandy duýmadyk käbir kişileriň soňlugy bilen çeper ýa-da ylmy kyssa geçip gidýänliginiň düýp sebäbi şundanmyka?! Şygryýet inçe hem gaty ynjyk sungat, onuň ähli, iň ähmiýetsiz hem ownuk görünýän talaplaryny-da doly berjaý etmek hökmanlykdyr. Dokuzyny berjaý edip, onunjyny äsgermezlik etseň, ol şygryň bitmez ýarasy bolup galýar. S.Geldiýew mahal-mahal setiriň bogun ölçegine sowuk-sala garaýar, bu bolsa döredijiligiň zyýanyna işleýär.

Ýer deý aýlanýan seriňden parhlyrak.
Şeýdip-şeýdip filosof bolaňdan soň-a.
Ynsan düwünçeklikden garrap başlaýar.

Birinji setirde stopalaryň ýerleşişi bozulypdyr, ikinji we üçünjide bolsa bir bogun artyk gidipdir. Netijede ritmiki tagaşyksyzlyk, büdür-südürlik ýüze çykýar. Ýaşlar bilen iş salyşýanyň tejribesi manysynda bir zady ýatlamakçy: Döredijі ýaşlaryň nazary, ylaýta-da şygyr nazaryýeti baradaky düşünjesiniň kämahal pesdigini, mysal üçin, käbirleriniň stopanyň nämedigini bilmeýändigini bilip galýarsyň. Muňa öňden gelýän bir pikiriň – şahyr edebiýatyň nazaryýetini däl-de, amalyýetini bilmeli, ylmy kitaplar däl-de, çeper eserleri köp okamaly diýen nädogry pikiriň esas berýän bolmagy-da mümkin. Emma hakykat munuň edil tersine ahyry. Iň beýik şahyrlar iň okumyş adamlardyr. Hatda şeýle diýmegem bolar: Alym bolmazdan, şahyr bolmak mümkin däl. Adam bolmazdan alym bolmagyň mümkin däldigi ýaly. Şahyrlyk – durmuşda bolýan ýagşy-ýamanyň baryny ýürege aşa ýakyn kabul etmeklikdir. Uly şahyrlar hemişe hiç kimiňkä meňzemeýän ylmy garaýyşlary bilen bellidir.

■ Dil nädürslikleri

Zehinli şahyr A.Rozyýewanyň şygrynyň dilindäki many-dil

nädogru-lyklardan:
– Dertlerimiň ýangynyny sowatmak isleýän ýaly.
– Galamymdyr wyždanlygym.
– Ylahynyň owazlygy – ýaly setirlere ünsi çekesimiz gelýär. Türkmen diliniň kanuna öwrülen many aňladylyş aýratynlyklaryna görä “Ýangyny sowat-mak” bolmalymy näme? “Ýangyny öçürmek” görnüşinde aňladylmaly bolaý-masyn!? Şeýle-de ýokarky mysallardaky “wyždanlygym”, “owazlygy” ýaly sözlerde nädogry ulanylan goşulmalaryň emeli söz döredýändigi görnüp dur. Inçe sungat bolan şygryýetiň dili şeýle emelilikleri götermeýär.
XX asyryň ahyrlaryndan dürli taryhy özgerişlikler, ilkinji nobatda bolsa, milli Garaşsyzlyk netijesinde ruhuň täze ýaşaýyş şekili manysyndaky täze türkmen dili döräp başlady. Biz häzirki wagtda şol döreýşiň içinde, jümmüşinde ýaşaýarys. Öz döwründe Ahmet Ýasawynyň, Nowaýynyň, Nesiminiň, Magtymgulynyň başaryşy ýaly, öz döredijiligi arkaly täze türkmen dilini kämil suratda esaslandyrjak beýik şahyryň döremeginiň derwaýys zerurlykdygyny we kanunalaýyklyk boljakdygyny gepiň gerdişine görä aýdasym gelýär. Ýaş şahyrlarymyzyň şu ugurdan döredijilik gözleglerine meşgul boljakdygyna ynanýarys.
Häzirlikçe bolsa, ýokarky ýaly aňlatma nädürslikleriň S.Otuzow ýaly edebi däpleri oňat bilýän, özboluşly pikirlenýän şahyrda-da, A.Agaýewa ýaly ýürek duýgularyny ilkibaşky arassalygynda ýüze çykarmaga çalyşýan ýazarda-da duş gelýändigini bellemeli bolýarys. Seýranyň “Töwerege ýagty yalkym” setirindäki tawtologiýa göze görnüp dur. Onuň “Eretsin ol ýanyp duran narlary” sözlemindäki sözleriň, hususan-da birinji we soňky sözüň söz düzümine birikmeýändigini bilmek üçin üýtgeşik duýgurlyk gerek däl. Nar, ýagny ot eremeýär, ol diňe öçüp biler, üstesine, “nar” hem-de “ot” sözleri hemme ýerde bir-biriniň ornuny-da tutup bilmeýär. Altyn Agaýewanyň: “Sen diýip gürsüldäp urýarka gursak” setirindäki “gursagyň” bikanun suratda “ýürek” sözüniň ýerini eýeländigi-de düşnüklidir. Many baglanyşygynyň şeýle näsazlyklarynyň, iki-ýeke bolaýmasa, ýaşlaryň aglabasynda bardygy häsiýetlidir. Many näsazlygy ýüze çykanda, ýürek duýgulary aňladylman galýar. Duýgularyň dili

baglanýar. Munuň özi çeper suratyň jansyz dogulmagyna getirýär. Şuňa-da çeperçiligiň pesligi diýilýär. Diliň derejesi çeperçiligiň derejesidir, çünki dil şygryň serişdesi däl, ol şygryň özi. Şygryýet sözsüz sungatlaryň hataryna girenok, dili bikemal şygryýet bolsa sungat statusyna mynasyp däldir.

Ýaş şahyrlarymyzyň dilinde "meň", "seň", "şapyrdy edýär", "duýgylarymy aýtmaga", "ýygralykdan örteden", "duýgylaryma gysylyp", "gury gözlerim", "sowuklygy ogurlap", "durulygy gözüň bäbenegi deý", "jemalyňdan gönenme ýok", "böwregi böküp dur sonarly ýaýlaň", "gözelligiňe gözel sözler sygmady", "men un bolsam, bol sen onuň suprasy", "erksiz küýsemerin şalaryň tagtyn" ýaly mantyk – estetiki derejesi boýunça ýöntem hem-de pes, özakymlaýyn gepleşik diline mahsus jümleler bar. Sungatyň dili özakymlaýyn däl, ýörite işlenilen dilleriň hataryna girýär diýsek, açyş etdigimiz bolmaz. Degişli "ownuk" kemçilikler aşa köpeliberse, şygryň derejesini peseldýär. Şeýle meseleleriň gürrüňini edeniňde, özüňem okyjynyň ünsüni aşa ownadaryňdan we ähmiýetsiz jikme-jikliklere pese düşüreriňden howatyr edýärsiň. Ýöne, beýleki tarapdan, gürrüň ýaşlar, başlangyç döredijiler hakynda barýar. Şonuň üçin hem munda diňe sungatyň däl, eýse ownuk-uşak tehniki aladalary bolan senediň hem gürrüňini etmeli bolýar.

Täsiriň ýakymsyz täsirleri

Ähli edebi döwürleriň ýaşlaryna mahsus bolşy ýaly, biziňkilerde-de öňki we häzirki halypalaryň täsirine düşmek gutulgysyzlygy-da bar. Häli-häzire çenli ýaşlara iň köp we iň güýçli täsir edýän şahyr G.Ezizow bolup galýar. Ikinji orunda, ýalňyşmaýan bolsak, A.Annaberdiýewiň täsiri durýar. Täsire düşmek şahyr şahsyýetiniň ösüşiniň tebigy we gutulgysyz döwrüdir. Öz-özlüginde alanyňda, täsirde ýa hatda öýkünmede-de üýtgeşik aýyp ýok bolsa gerek. Sözüň oňyn manysynda, bir halypanyň aýdyşy ýaly, edebiýat gaýtalanmak esasynda ösýär. Ýöne täsir diňe özlügiňe geçmäge, özüňi tapmaga badalga hökmünde oňlanylmaly zatdyr. Täsir özbaşdak ýaşamaga ukyply, içki mümkinçiliklere baý belli-belli çeperçilik birliklerine

täze dem bermek manysynda makullanylmaly zatdyr. Şu hildäki täsirlenmäniň yzlary we alamatlary iň uly şahyrlarda-da bolýar. Bu dowamat (proses) aňasty görnüşde, ýazaryň erkine garaşsyzlykda-da geçip bilýär, ýörite, aňly-başly öýkünme görnüşinde-de bolup bilýär, ýöriteläbem edilýär. Ikinji halatda oňa halkara adalgasy boýunça “stilizasiýa” diýilýär. Ikinji meselede ýaşlarymyzyň iň köp öýkünýäni şu günüň ýa düýnüň däl-de, has öňki asyrlaryň şahyrlary bolan Ýunus Emre bilen Magtymgula gol ýapýandyklary gyzyklydyr, ondan-da beter, geňdir.
Degişli goşguda bar guwanarlyk, ähli çorba çykarlyk zat diňe täsir alnan jümleler ýa-da äheňler bolanda, täsirlenme okyjyda gaty bir ýakymly täsir döretmeýär. Munuň özi degişli meselede ösüşiň, öňe gidişiň ýokdugyny görkezýän ýakymsyz faktdyr. Şeýle täsirlerden saplanmagyň ýeke-täk ýoly – köneleri köp okamak, gaty köp okamakdyr. Dürtmegursak okadygyça, täsiriň girdabyna gidýär, guýmagursak okadygyça, öňküleriň gujuryny özüne siňdirmek bilen, öz ýoluny tapýar, täsirlerden saplanýar. Geçmişden sowa geçdigiňçe, geçmişe baglylygyň, elgaramalygyň artýar. Geçmişi aňly-düşünjelilik bilen özüňe näçe köp siňdirseň, şonça-da ondan ýokary galmak, ondan tapawutlanyp, janly durmuşda geçmişe ýerliksiz hem nähak baglylykdan azat bolmak mümkinçiligi artýar. Islendik ösüşiň, şol sanda edebi ösüşiň hem iň düşnükli görnüşde kesgitläp bolýan düýp manysy-da, megerem, şundan ybaratdyr.

Aman ŞYHNEPESOW.

Edebi tankyt